# Pyşyrdylar

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 21 января, 2025
Pyşyrdylar PYŞYRDYLAR

I.

Ukladyñ. Özüñ aýdardyñ.
Uklamaly däldigin,
Öýüñ eýwanynda.
Oýanmadyñ näme üçin?!
Görkezjekdim men saña,
Aşyr atyp biljegim,
Ykballar meýdanynda.

Görkezjekdim men saña,
Puldan gül ýasaýan tentekligimi.
Görkezjekdim men saña,
Müñ garga oklap boljak,
Ýalñyz kesekligimi.

Oýanmadyñ näme üçin?
Ýa göresiñ gelmedimi?
Saçlarymyñ agarşyny aldygna.
Ýa göresiñ gelmedimi,
Mahal-mahal öwrülşimi heýkele,
Pilim gysyp goltugma.

Oýanmadyñ näme üçin?
Seslendim-ä men,
Takdyryñ salgy beren,
Si notasynda.
Oýanmadyñ näme üçin?
Çat açyp bilýärkä ýürek,
Sowuk pyşyrda.
Yş açyp bilmezmi ýumuk gabaklar?!
Gyzgyn damjalañ,

Daş ýaryş kadasynda.

Ah, ol pursat, tüýs pursatdy,
Oýanyp biljek üçin.
Giç eýýäm,
Indi bolsa,
Ne-hä sen oýanyp bilýäñ,
Ne-de men uklap bilýän.

II.

Bakyp durun ýoluña,
Zoraýak görjek bolýan.
Görünmeýän garañy.
Görýärin galgaýany,
Görýärin gaýmalany,
Görýärin geljegiñ lowurdysyny,
Görýärin geçmişiñ kölegesini,
Ýöne, görüp bilemok,
Seni.

Ýolam juda, juda ejiz ekeni,
Çozulsa-da,
sozulsa-da,
Getirip bilenok seni.
Ýarmaşsa-da köprülere,
Dyrmaşsa-da derelere,
Getirip bilenok ol,
Seni bu ýere.

Ýolam juda, juda gysganç ekeni,
Getirýär ol gara şaýa,
Kör köpüge degmeýäni.
Iñ gymmady getirmeýädäni.

Ýolam juda, juda tentek ekeni,
Getirýär ol gyşyñ ýelin,
Oñ zäherli päkisinde,
Hamala bal bar ýaly.

Getirýär ala köpegi,
Ellerimde hamala,
Oñ üçin ýal bar ýaly…

Ýolam juda, juda içýakgyç eken,
Garaşýan ýörişimi,
Garaşýan sudurymy,
Görkezmän,
Täsin ýeri,
Sallanjyradýar ol,
Añyma-da gelmedik,
Küýümde-de bolmadyk,
Hereketleri.
Öýe gaýdýan,
Damja damýar,
Ýagyş ýagýar öýdýän.

III.

Ýok!
Okamok okalmaýan kitaby.
Diñe,
söýýän okalmaýan kitaby.
Okalmaýan kitap okalman ýatyr,
Açylman sahaby.
Gije oña bakyp-bakyp irkilýär.
Gündiz ony synlap gidýär her daýym.
Okalmaýan kitap keramatlaşýar,
Okalmadygysaýyn.

Okalmaýan kitap okalmasa-da,
Aýdyp berýär maña tanyş ses bilen:
Baglañ añyrsyndan säheriñ gelşin,
Çaga gollaryndan goluñ tutuşyn.
Günleriñ hazyna öwrülip bilşin,
Ädimleriñ uzaklaşyp gidişin.
Aýdyp berýär höwes bilen.

Gözüme görünmän günleriñ reñki,
Sözleriñ akymh gulagma ilmän,
Ysyrganman geljege,
Arzuwlaryñ tagamyna tamşanman,
Ylgaýaryn şol arzyly künjege.
Ele alýan okalmadyk kitaby,
Ýok, okamok okalmaýan kitaby,
Diñe söýýän okalmadyk kitaby,
…Ony sen okapdyñ, sebäbi…

Hudaýberdi SÖHBETOW. Goşgular